# Sadaka soraýan gedaý hem husyt hojaýyn hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sadaka soraýan gedaý hem husyt hojaýyn hakynda hekaýat Sadaka soraýan gedaý hem husyt hojaýyn hakynda hekaýat

Gedaý işigini kakyp bir öýüñ,
«Men aç» diýip duýdurypdyr ýagdaýyn.

Ol öýüñ eýesi – bir husyt gende
Diýen: «Berjek welin, çörek ýok mende».

Gedaý oña şeýle diýipdir şo hal:
«Bir bölek et berseñ, bolardym hoşal».

Öý eýesi aýdan: «Bilip goý, gedaý,
Etçiniñ dükany däl ahyr bu jaý».

«Bolmasa, az-owlak unuñam ýokmy?»
«Men kilwan däl ahyr, nä göreñokmy?»

«Onda suw bir eçil dolduryp gabym».
«Görýäñ-ä bu ýerde ýokdugny ýabyñ».

Öý eýesi husytlygnyñ derdinden,
Ol näme sorasa, gopan tersinden.

Gedaý öýe tarap uranda gadam,
Hojaýyn öñünde keserip şo dem,

Diýen: «Nirä gelýäñ, atañа nälet!»
«Etmekçi öýüñde ullakan täret.

Ötmese käse suw, döwüm nana-da,
Parhy ýok bu öýüñ hajathanadan». Goşgular